TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ

HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

**Jennet Halmyradowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*işgärler bölüminiň hünärmeni*

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE DÖWLET DOLANDYRYŞ ÝÖRELGELERI

Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysy» atly kitabynda: «Şeýle tämiz görelde, gyşarnyksyz ýörelge, beýik parasat müňýyllyklaryň jümmüşlerinden gelýändir, diniň, ýol-ýörelgäniň hem özenine siňendir, Magtymguly ýaly beýik akyldarlaryň eserlerinde hem aýdyň şöhlelenýändir. Hut şolar hem häzirki günlerimiziň görüm-göreldesini, edep-terbiýesini, ýol-ýörelgesini, päkize ahlagyny düzýändir, ähli gowy işlerimiziň esasynda durandyr» diýip belleýär [1, 158 s.]. Dogrudanam, türkmeniň döwletlilik taryhynda Magtymguly Pyragynyň orny juda ähmiýetli. Akyldar şahyryň dürdänelerinden gymmatly pähim-paýhasly setirleri ähli döwürlerde-de nesil we jemgyýetçilik terbiýesinde nusga alynýan kämillikleriň hatarynda görülýär. Milli Liderimiz Magtymguly Pyragyny ähli döwürleriň we ähli göwünleriň şahyry hasaplaýar. Ol dogrudanam şeýle. Magtymguly täsin bir dünýä. Magtymguly Pyragynyň eserlerini okamagyň, oňa düşünmegiň özi kämillik mekdebindäki bir basgançak. Çünki onuň eserlerinde dünýäniň ýaradylyşyndan başlap, adamzadyň geljegini teswirleýän wakalar beýan edilýär. Ol ýerdäki syrly setirlerem, manysy aýan-aýdyň jümlelerem özüne çekýär. Ol setirlerde zeminiň ýedi yklymy, asmanyň ýedi gatlagy, ösümlik, haýwanat we adamzat dünýäsi hakda şeýle bir setirler, sözler bar, edil ähli asman-zemin, älem bary bir kitaba sygdyrylan ýaly göz öňüňe gelýär. Ol setirlerde ylmyň dürli ugurlaryna: söz baýlygy, dil, edebiýat, taryh, matematika, filosofiýa, lukmançylyk, himiýa, fizika, astronomiýa, geografiýa degişli ylmy nukdaýnazardan dogry hasaplanýan maglumatlar bar. Ol setirlerde milli däp-dessurymyz, arassa urp-adatlarymyz, ahlak gymmatlyklarymyz, watansöýüjilik, milli buýsanjymyz, adamkärçilik mertebelerimiz giňişleýin şöhlelenýär. Bir söz bilen aýdanymyzda, Magtymgulynyň her sözünde, her setirinde türkmeniň ruhy bar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş nesli terbiýelemekde türkmen halkynyň taryhyny, ruhy dünýäsini bilmekde Magtymgulynyň eserleri gymmatly çeşme bolup hyzmat edýär. Bu gün türkmen döwleti gül-läle açýar, ösüp-özgerýär, diňe öňe barýar. Berkarar, erkana döwlet gurmak türkmeniň aňyrdan gelýän arzuwydyr, sebäbi türkmen halky, asudalygy, parahatçylygy, özygtyýarlylygy söýýän halk. XVIII–XIX asyrlarda aýratyn döwlet bolmadyk halk bu arzuwlary edipdir. Magtymguly bolsa halkyň fantastiki hyýallaryny duý-

gularyň üsti bilen şygyrlarynda il-halkyň islegine duýgudaşlyk bildirip, gynanyp, durmuş wakalaryny jemgyýete syn salmak bilen liriki eserlerinde suratlandyrypdyr. Şahyryň watançylyk, mertlik, öwüt-nesihat temalarynda ýazan goşgularynda her bir setir, her bir söz türkmen halkynyň ruhuna ebedilik siňipdir. Akyldar Magtymgulynyň Berkarar döwlet bolmak hakyndaky arzuwlary, asylly niýetleri, öwüt-nesihatlary asyrlar boýy ýaşlary, il-halky terbiýeläpdir, halk onuň goşgularyny ýatdan aýdypdyr, saza salyp aýdym edipdir.

Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda milli ruh, milli duýgular ynsanyň adamkärçilik häsiýetlerini kesgitleýär. Olarda mertlik, watançylyk, ar-namyslylyk, kalby päklik, tebigata we janly-jandarlara söýgi, rehim-şepagat bilen garaýyş, ula-kiçä hormat goýmak, wepadarlyk, hoşniýetlilik, mylaýymlyk, pähim-parasatlylyk, salykatlylyk, ynsanperwerlik ýaly häsiýetler beýan edilýär. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde watançylyk hakyndaky pikirler halkyň milli ýörelgesi bilen berk baglanyşdyrylýar. Bu pikirler Watana bolan beýik we synmaz söýgini özünde jemleýär:

*Jeýhun bilen bahry Hazar arasy,*
*Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň,*
*Gül-gunçasy, gara gözüm garasy,*
*Gara dagdan iner sili türkmeniň* [4, 147 s.].

Akyldar şahyryň şeýle setirleriniň özi hem watansöýüjilik hakyndaky pikirleriň, Watana bolan söýginiň nusgasyny beýan edýär. Şahyryň eserleriniň içinden täze ýola, täze döwre, täze ýaşaýyş-durmuş gatnaşyklaryna bolan çagyryş eriş-argaç bolup geçýär. Bu çagyryş, bu arzuwlar Gahryman Arkadagymyzyň ýurt başyna geçmegi bilen amala aşyryldy. Bir söz bilen aýtsak, Gahryman Arkadagymyz Magtymguly Pyragynyň, külli türkmen halkynyň asyrlarboýy arzuwlan baştutany. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan amala aşyrylan beýik işler, ösüşdir özgertmeler bu günki gün döwrümizi nurlandyrýar, halkymyzyň Ýer ýüzündäki at-abraýyny barha belende galdyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň:

*Beýik döwlet, eziz ülke, dogduk depe, asly mekan,*
*Ählijesi seniň özüň, jan Watanym Türkmenistan!*
*Keremlidir ene toprak, keramatdyr mawy asman,*
*Edermendir ogul-gyzyň, jan Watanym Türkmenistan!*

«Jan Watanym Türkmenistan» atly goşgusy bolsa Watana bolan egsilmez söýginiň, bagtyýar durmuşymyzyň, bedew batly ösüşlerimiziň, keremli, mukaddes topragymyzyň belent waspnamasy bolup dünýä ýaň saldy.

Magtymguly her bir ynsan üçin hem başlangyç mekdep, hem ýokary okuw mekdebi, hem durmuş akademiýasy. Onuň döredijiliginde biziň durmuşymyza dahylly ähli meselelere çözgüt bar. Hut şonuň üçinem, Gahryman Arkadagymyz özüniň syýasy-jemgyýetçilik taglymatlarynda Magtymgulynyň sözlerine, paýha-

slaryna ýüzlenýär. Gahryman Arkadagymyz özüniň «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly kitabynda: «Halkymyz Magtymguly atamyzyň paýhasyny durmuşyň kanuny hökmünde berk we aýawly tutupdyr. Hut şoňa görä, şahyryň ynsap, päklik, erkinlik, adalatlylyk ýoly, umumadamzat bähbitli pelsepe – garaýyşlary Baş Kanunymyza siňdi. Baş Kanunymyz bäş müň ýyllyk şöhratly taryhy bolan parasatly ata-babalarymyzyň ähli nesilleriniň paýhasyna ýugrulandyr» diýip beýik şahyryň edebi mirasyna ýokary baha berýär [2]. Magtymguly Pyragynyň öňe süren ynsanperwer ýörelgeleri dostlukly halkara gatnaşyklaryny berkitmekde hem iňňän ähmiýetli, çünki akyldar şahyr ähli adamzada wajyp bolan gylyk-häsiýetler, amallar, hereketler dogrusynda söz açýar. Magtymguly Pyragynyň öz şygyr setirlerinde beýan edýän we arzuwlan iňňän öňdengörüjilikli, parasatly, ynsanperwer syýasaty alyp barýan kämil häsiýetini biz Gahryman Arkadagymyzda görýäris. Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysy» atly kitabynda: «Biziň bu günki Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi gurmagymyzyň we barha beýgeltmegimiziň esasynda geçmişdäki beýik türkmen döwletleriniň taýsyz tejribesi, beýik türkmen soltanlarynyň ganymyzda aýlanýan, ruhuňy joşduryjy güýç-kuwwaty, Magtymguly ýaly akyldarlarymyzyň, alym-ulamalarymyzyň parasaty durandyr» diýmek bilen beýik pederlerimiziň ýoluny dowam edip, çuňňur watansöýüjiligiň, milli mirasa sarpa goýmagyň, geçmişden ugur alyp, geljege ynamly gadam urup, bu günki günde adalatly döwlet gurmagyň ajaýyp nusgasyny görkezdi. Beýik şahyryň:

*Hydyr gezen çölde iller ýaýylsyn,*
*Ýurt binamyz gaýym bolsun, goýulsyn,*
*Çille mest nerlermiz barça aýylsyn,*
*Bir suprada eda bolsun aşymyz* [3, 34 s.].

– diýen setirleri diňe bir halkyň, milletiň däl-de, tutuş adamzadyň manyly hem parahat ýaşaýşynyň kepili bolan dost-doganlyk, birek-birege arkalaşmak, haýyr-sahawat, ylym-bilim öwrenmek, jemgyýetçilik gatnaşyklary, döwleti dolandyrmagyň gadymyýetden gözbaş alýan, ýyllaryň, asyrlaryň synagyndan geçen şol kämil we asylly ýörelgeler häzirki döwürde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzyň döwlet-dolandyryş ulgamynda has kämil we döwrebap röwüşde durmuşa ornaşdyrylýar. Hut şu ajaýyp zamanada ýaşamak, zähmet çekmek, okamak ullakan bagt. Hormatly Prezidentimiziň ýörite Karary esasynda 2024-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy dabara bilen bellenilip geçiler. Diňe şu zatlaryň özi hem türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzyň akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyraga, şonuň bilen birlikde ähli türkmen edebiýatyna, paýhasdyr parasatly pikirleri miras goýan pederlerimize goýýan beýik hormatynyň nyşanydyr.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.: TDNG, 2022.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ynsan kalbynyň öçmejek nury. – A.: TDNG, 2014.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Jan Watanym – Türkmenistan! // Türkmenistan. – 2022. – 1-nji ýanwar
4. Magtymguly. Eserler ýygyndysy. – A.: MGI, 2013.
5. *Magtymguly*. Şygyrlar. – A.: TDNG, 1992.

**Annagül Hekimowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

## MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARYNDA TÜRKMEN HALKYNYŇ TERBIÝEÇILIK DÄPLERINIŇ BEÝANY

Türkmen halkynyň baý hem-de şöhratly taryhy we medeni mirasy ylmy esasda öwrenilip, ony nesillerimize ýetirmek, gorap saklamak boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Ösüp gelýän ýaş nesillerimizi watansöýüjilik, ynsanperwerlik, ahlak we estetiki taýdan terbiýelemekde olaryň ähmiýeti örän uludyr. Şoňa görä-de, ýurdumyzda taryhy we medeni mirasy goramak, öwrenmek we ýaş nesillere ýetirmek, şeýle hem giňden wagyz etmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň taryhynyň iň çylşyrymly döwründe ýaşan, agzybirlik, garaşsyzlyk, özbaşdak döwlet gurmak ýaly beýik maksatlara öz döredijiligi bilen gulluk eden ynsanperwer şahyrdyr.

Watançy şahyr Magtymgulynyň gahrymançylyk, il-ýurt, agzybirlik, birleşmek hakyndaky şygyrlary onuň döredijiliginde iň görnükli orunlaryň birini eýeleýär. Bu temada Magtymguly «Türkmeniň», «Ýeli Gürgeniň» , «Depe nedir, düz nedir», «Öňi-ardy bilinmez», «Döker bolduk ýaşymyz», «Gidiji bolma», «Gözlär men», «Başy gerekdir», «Mert bolmaz» ýaly birnäçe goşgular döredipdir. Magtymguly hakyky watançy hökmünde türkmen ýurduna, onuň gözel tebigatyna, baýlygyna, batyr ýigitlerine guwanypdyr. Şahyr «Gidiji bolma» şygrynda:

*Gel köňlüm, men saňa nesihat kylaý,*
*Watany terk edip gidiji bolma* [3, 32 s.].

– diýip, öz döwürdeşlerine ýüzlenýär. Magtymguly Türkmenistanyň, aýratyn hem, öz önüp-esen ýeri bolan Etrek, Gürgen töwerekleriniň giň, gözel we hasylly sähralaryny, daglaryny, tebigy baýlyklaryny, goç ýigitlerini taryplaýar. Şahyryň «Türkmeniň» şygyrlarynyň şu setirleri-de oňa güwä geçýär:

*Dagda, düzde kowsa, saýýatlar diri,*
*Ala bilmez, ýolbars ogly türkmeniň* [4, 15 s.].